# Peýdasyz çekişmeler

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Nukdaýnazar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Peýdasyz çekişmeler PEÝDASYZ ÇEKIŞMELER




*Tutum birligini saklamak üçin hemmeler dymsa-da, bu ýagdaý hiç kime peýda etmeýär. Çekişme – täze syzgyrlyklary döredip, adamlary okatmak bilen bir hatarda gözýetimiňi giňeldýär.*

Diniň tradision wersiýasynyň tarapdarlary bilen renessans-modernistligiň tarapdarlarynyň arasynda peýdaly çekişme bolanyny göremok. Her iki toparam düýpgöter aýry maglumat goruna we gymmatlyklar ulgamyna eýe.

Renessansyň tarapdarlary eýýamyň ruhuny we pelsepesini öz içine alýar, özündäki maglumat çeşmelerine açyk bolýar, hatda käbirleri ony wahyý mertebesine deňiç göterip bilýärler, çünki olar üçin akyl-paýhas garaşsyz gymmatlyk we kanun çeşmesidir.

Döwürdeş yslamyň ilkibaşky wezipesiniň döwrüň zerurlyklaryna we kynçylyklaryna jogap berip, şu günüň dünýäsinde höküm sürýän magnawy akymlar we ideologiýalar bilen dil tapyşyp we düşünişip biljek ynanç modelini hödürleýändigine ynanýarlar.

Munuň tersine tradisionerler kanun çykaryjylygyň we gymmatlyklaryň akyl-paýhas bilen Kuranyň deňdigi pikirini doly inkär edip, ikinji nobaty Hezreti Pygamberimiziň sünnetine (s.a.w) berýärler.

Olar üçin akyl-paýhasyň ýeri – Kurana we Sünnete ne-hä parallel, ne-de olardan özbaşdak gulluk etmekdir.

Döwürdeş yslam jemgyýetine düşýän iň uly wezipe bolsa, çagalaryny agalyk sürýän Günbatar medeniýetiniň täsirinden

goramak bolup durýar.
Şeýle arka durmalar nukdaýnazary bu toparyň örän giň pikirli we fykhly ýelpewajyna siňipdir, şeýlelikde üýtgeşme üçin gerekli öz-özüňi tankytdan zyýada güýçli formada tutaryklandyrma we tarapgöýlüge meýil edipdir.
Şeýle tutaryklar her iki tarapyňam dürli formada düşünýän we çemeleşmesiniň aksiomasy hökmünde görýän zady bilen çapraz gelýändigi üçin beýleki tarapyň ylalaşyp bilmejek dilinde gürleýändigini aňladýar.
Hakykatda, her iki tarapam her biriniň düýp prinsipleri we üstünde durýan pelsepewi zemini hakynda çuňňur çekişme alyp barmaýar, şeýle çekişme esasy köpgyraňlylygynda üýtgeşiklik bilen soňlanyp biler.
Çekişmeler hemişe jikme-jiklikler we şahamçalar bilen başlaýar hem-de esasy prinsiplere ýetip bilýär, ýöne esasan şahamçalaryň töwereginde aýlanyp durýar.
Köplenç şeýle bolýar: renessansçylar-modernistler tradision pähimdarlygy sarsgyna salyp biljek pikiri orta atýarlar.
Muňa jogap edip, dini mirasyň tarapdarlary pikirleriniň çeşmesini ýatladýan argumentleri öňe sürýärler, agzalýan içtihadyň sagdynlygyny ret edýärler we pikir eýesiniň hukuk hökümi ýa-da hakykatlara ýetme we netije çykarma ygtyýarlygyny derňeýärler.
Şeýle jogaplar renessansyň subutnamalaryny jedelleşmeýär, munuň ýerine miras alynan garaýyşy goldamak üçin has öň ulanylyp gelinen hemişeki subutnamalary öňe sürýärler.
Şeýlelikde, käte “kerleriň dialogy” diýilýän ýagdaýy bilen ýüzbe-ýüz bolýarys: Her iki tarapam beýlekisiniň prinsipial taýdan ret edýän subutnamalaryny orta atýar, şonuň üçinem muny jedelleşmeýärler.
Hamana iki tarapam biri-biriniň aýdýanlaryny eşitmeýän aýry-aýry iki dünýäde gepläp duran ýaly ýagdaý emele gelýär.
Aslynda ikisiniňem öz zemini, pelsepewi tutaryklary, gaýragoýulmasyz hasaplaýanlary, gipotezalary, tankydy serişdeleri bolan we beýleki dünýäden doly üýtgeşik iki intellektual dünýäniň gürrüňini edýäris.
Şu sebäpden iki garaýşy ýa-da subutnamalaryny sazlamakda bil

baglap bolaýjak ýeke normatiw kada ýa-da bilelikdäki ylmy ölçeg ýok. Munuň özi arap dilindäki şygyr bilen iňlis dilindäki şygyry deňeşdiren ýaly bir zat…

Siziň pikiriňizçe mümkinmi? Elbetde, ýok. Çünki iki şygyram maksady, beýan edilişi we baglanşyk taýdan iki aýry dünýä degişli bolandygyndan, şul-a mundan has gowy, has kämil, has dogry diýip bilmeris.

Eýse, iki akymyň birleşmegine ýa-da aralaryndaky düşünişmezlikleriň azaldylmagyna ýol açjak dialogy başlatmagyň mümkin däldigine gynanmalymy?

Meniň pikimçe gynanar ýaly zat ýok. Gyzgalaňly jedellerde iki tarapyndan seredilse gowy bolar.

Her iki tarapyňam öz pikirini impozirleme synanşygy beýleki tarapyň tutaryklaryny güýçlendirmäge we çekişme üçin pikirlerini çuňlaşdyrmaga iterýär.

Tutum birligini saklamak üçin hemmeler dymsa-da, bu ýagdaý hiç kime peýda etmeýär. Çekişme – täze syzgyrlyklary döredip, adamlary okatmak bilen bir hatarda gözýetimiňi giňeldýär.

Tewfik SEÝF,
Saud Arabystanly filosof.

Anna, 13.01.2023 ý. Filosofiýa